# Taryhyñ ilkinji emeli Dünýä çempionaty

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 25 января, 2025
Taryhyñ ilkinji emeli Dünýä çempionaty TARYHYÑ ILKINJI EMELI DÜNÝÄ ÇEMPIONATY




«Başlygyñ saña bir zat diýse, edibiljek zadyñ barmy…»
Mişel Platini şeýle diýipdi.
2010-njy ýylyñ 23-nji noýabrynda şol wagtky Fransiýanyñ prezidenti Nikolaz Sarkozi katarly ygtyýarlylar bilen günortanlyk naharynyñ başynda duşuşdy.
Sarkozi ildeşi UEFA-nyñ başlygy Mişel Platinini-de çörege çagyrypdy.
Şol garbanyşdan dokuz gün geçenden soñ Futbol boýunça dünýä çempionatyny geçirmek hukugy Katara berildi.
Katar beýleki talaşgär ýurt ABŞ-dan 14 ses köp alypdy, ABŞ bolsa 8 ses bilen oñmaly boldy.
Ýöne Kataryñ bu abraýly ýaryşy geçirmäge hukuk gazanmagy Platinä gymmat düşdi.
2017-nji ýylda başlanan derñew işinde Platini bilen bir hatarda FIFA-nyñ we UEFA-nyñ käbir ygtyýarlylary geçirilen ses berlişikde para almakda aýyplandy.
Aýtmaklaryna görä, Platini Katara berilen Dünýä çempionaty üçin 2 million dollar para alypdy, özem ol puluñ gelen çeşmesini-de mälim edip bilmändi.
Şeýle-de, Sarkoziniñ hezzet-hormatyndan soñ katar kapitaly «PSŽ» («Paris St Germain») futbol klubyny satyn alypdy we fransuz ýokary ligasy «Ligue 1»-iñ teleýaýlyma berliş

hukuklary-da katarly maýadarlar toparyna satylypdy.
Şol sanda Mişel Platininiň ogly Laurent Platini şol katarly toparyň şereketlerinden birine baş müdir edilip bellendi.

**• Kataryň ýaryşy almagyna giden ýol «Ýeliseý» köşgünde başlady**

FIFA-nyň şol wagtky başlygy Ýozef Blatter şol meşhur günortanlyk nahardan soň Platini bilen bile FIFA-dan üç ygtyýarlynyň sesleriniň üýtgändigini aýdypdy.
Geçen hepde FIFA-nyň jedelli we üstünden derňew işi açylan öňki başlygy Ý.Blatter Dünýä çempionatynyň Katara berilmeginiň ýalňyşdygyny aýtdy.
Şondan öňinçä Blatter «2018-nji ýyldaky ýaryş Russiýa berildi, 2022-nji ýyldaky-da ABŞ-na berilip, deňagramlylygy saklap bolardy» diýdi.

**• Dünýä çempionatynda diňe futbol däl, birgiden taryh we medeniýet bar**

Eýýäm ýüz ýyla golaý wagt bäri millionlarça adamyň sabyrsyzlyk bilen garaşýan Dünýä çempionaty dünýäniň iň möhüm sport çäreleriniň başyny çekýär.
Belki-de, bu abraýly ýaryş taryhy we içindäki hekaýatlary bilenem dünýäniň aýratyn gyzykly şüweleňleriniň naýbaşysy bolsa gerek.
Futbol boýunça dünýä kubogyny almak ugrundaky çempionat dürli futbol mekdepleriniň we medeniýetleriniň hem duşuşýan ýeri.
Dünýä çempionatynyň taryhy dürli yklymlardan gelen oýunçylardan we garaşylmadyk toparlardan doly.
Häzir bolsa futbol janköýerleri emeli we mejbury ýagdaýda geçirilýän Dünýä çempionaty bilen ýüzbe-ýüz bolarlar.
Bulançak günortanlyk naharynyň başynda futbol bilen baglanyşygy bolmadyk kararlar bilen kesgitlenen ýaryşyň geçirilmeli ýeri we üsti jedelli Dünýä çempionaty.
Şeýle seredende, futbol bireýýämden bäri pul bilen ýöredilýär.
Ýöne her nähili-de bolsa, futbol şumada çenli beýle emelileşdirilmändi.
Meselem, Katarda Dünýä çempionatynyň geçirilýändigi üçin noýabr aýynda futbol ligalaryna arakesme berilmegi, futbolyň

ruhy we taryhy bolmadyk ultramodern stadionlaryñ gurulmagy Dünýä çempionatynyñ manysyny we gyzygyny gaçyrýar.

Şol bir wagtyñ özünde pula satyn alynan janköýer edinýändikleri hakdaky myş-myşlaram bar.

Platini we Sarkozi bireýýäm eýeleýän wezipesinden gitdiler. Emma olar «ümür-dumanly» günortanlyk nahary bilen futbol taryhynyñ iñ jedelli kararyny berdiler we futboly ýok saýdylar.

Şindi taryhyñ iñ manysyz Dünýä çempionaty başlaýar we içinde futbol ýok. Belki-de bu ýaryşyñ yzynda galdyrar ýaly taryhy mirasy hem bolmaz.

Okan JAN / @okancanyaziyor

Anna, 18.11.2022 ý. Sport we turizm